# Bahar gününiñ oýlanmalary

Category: Goşgular,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bahar gününiñ oýlanmalary BAHAR GÜNÜNIÑ OÝLANMALARY

Bahar. Bagty gelen sonarly meýdan.
Hiç epin tutmajak ýaglygy dañdy.
Söýülen gg deýin durlanan şapak,
Buldurap, gülleriñ käsesne damdy.

Meniñ şu bahara meñzäsim gelýär,
Şonuñ üçin bahar deýin köýnegim.
Bahar señ köñlüñe çalymdaşmyka,
Nämeden bahary şeýle söýmegim?

Iri damjalardan hünji dakyndym,
Dürden däl, damjadan otlar hünjüli.
Ýañagymda erän gyzgyn posadan
Men juda şadyýan hemem ünjüli.

Manysyz ömür deý undaly baryn,
Şu menzilden özge ýoluñ kyssasyn.
Sowuk ýatlamalar üşedip bilmez,
Men durkuma çaýdym kalbyñ yssysyn.

Seniñ ak säher deý yhlasyñdanmy,
Bahara çümmegi ömür howamyñ
Köp göreris bu şadyýan günleri
Hemem onuñ süýji-süýji dowamyn.

Ýyllar öz süññüne siñdirer gider,
Soldurmaz hiç bahar deýin ýaglygym.
Diñe seniñ gözleriñde görerin
Özüm üçin iñ mukaddes baýlygy.

Men mydam ýaşaryn baharlar bilen,
Duşman kynçylyga soñky güne çen.
Ýanymdakañ ejizlemen, garraman,

Hem gussany duýman barlygyñ üçin…

Miwe TUWAKBAÝEWA. Goşgular